**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2019-njy ýylyň 12-nji noýabryndaky № 123 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№1-tgç "Tebigaty goramaklyga edilýän gündelik çykdajylar we ekologik tölegler barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

# GOLLANMA

## I. Umumy görkezmeler

№1-tgç döwlet statistik hasabat formasyny arassalaýjy desgalary bolan we özlerinde tebigaty goraýyş çärelerini (özbaşdak ýa-da daşardan hyzmatlary sarp etmek görnüşinde) amala aşyrýan ýuridiki şahslar, olaryň aýratynlaşdyrylan bölümçeleri şeýle hem daşky gurşawa ýaramaz täsir ýetirendigi üçin töleg edýänler tabşyrýarlar.

Salgy böleginde bellenen tertipde bellige alnan, esaslandyryjy resminama laýyklykda hasabat berýän edaranyň doly ady, soňra ýaýyň içinde gysgaça ady görkezilýär.

Hasabat daşky gurşawy goramak üçin edilen harajatlaryň ilkinji hasaba alnyşynyň maglumatlarynyň esasynda doldurylýar. Maglumatlar oturdan soň bir belgi bilen müň manatda görkezilýär.

Tebigatdan peýdalanýan edaralar döwlet statistika edaralaryna ýyllyk hasabaty tabşyranlarynda hasabatdaky maglumatlary tebigaty goramak ulgamynda ýörite ygtyýarly edilen edaralar bilen öňünden ylalaşýarlar.

## 1 BÖLÜM.
## GÜNDELIK ÇYKDAJYLAR WE DÜÝPLI ABATLAÝYŞ IŞLERINE HARAJATLAR

1-nji bölümde edaranyň daşky gurşawy goramak boýunça çäreler üçin, esasy gaznalaryň düýpli abatlaýyş işleri üçin harajatlar, şeýle hem daşky gurşawy goramak boýunça esasy gaznalaryň ortaça ýyllyk gymmaty görkezilýär.

Bu bölümde daşky gurşawy goramak boýunça dürli desgalaryň gurluşygyny, tebigaty goramak boýunça enjamlaryň goýberilişi we ş.m., tebigaty goramak boýunça dürli döwlet edaralarynyň gözegçilik işleri bilen baglanyşykly gündelik býujet harajatlaryny häsiýetlendirýän maglumatlar berilmeýär.

Daşky gurşawy goramak boýunça esasy serişdeleriň gymmatyna görkezilen gurluşykda ýa-da önümçilikde ulanylýan esasy serişdeleriň jemi gymmaty goşulmaýar.

Daşky gurşawyň goragy üçin bir ýylda edilýän gündelik çykdajylary çäreleri geçirmek üçin, tehnologik prosessiniň gündelik işini we önümçiligi üpjün etmek üçin, şeýle hem hapalaýjy maddalaryň (önümleriň) ýa-da hapanyň özüniň öňüni almak, azaltmak, arassalamak (gaýtadan işlemek) we/ýa-da ýok etmek üçin niýetlenen maşynlary we enjamlary saklamak we ulanmak üçin çykdajylaryň jemini öz içine alýar.

Şu formada görkezilen çäreler we çykdajylar esasan tebigaty goraýjy häsiýetli bolmaly we ilki bilen daşky gurşawy goramaklyga gönükdirilmeli.

Aşakdaky görkezilenleri geçirmek üçin edilen çäreler we çykdajylar bu formada görkezilmeýär:

- tehniki nukdaý nazardan amala aşyrylan, ýöne kanagatly ekologik netije berýän saglygy goramak, zähmet şertlerini gowulandyrmak we tehniki howpsuzlygyny ýokarlandyrmak boýunça;

- tebigy resurslaryň göniden-göni ulanylmagy boýunça (meselem, suw üpjünçiligi)
- tebigy betbagtçylyklary we tebigy heläkçilikleri bilen garşy göreşmek ýa-da öňüni almak boýunça. Aýratyn hem, maglumat boýunça (öňüni almak) we gurakçylygyň, doňakçylyklaryň, ýer titremeleriň, harsaňlaryň, we ş.m. netijelerini ýok etmek işi goşulmaýar.

Ondan başga-da, şu formada hasaba alynmaýar: gazylyp alynýan peýdaly baýlyklar üçin salgytlar, suw salgydy, şertnama esasynda suwdan peýdalanmagyň tölegleri, bioresurslar bilen peýdalanmagyň ýygyndylary we salgytlary, tebigatdan peýdalanmak üçin we tebigatdan peýdalanylýany üçin beýleki meňzeş salgytlar we tölegler, formanyň 2-nji bölüminde görkezilen tölegleri goşmazdan.

010 setirde 020 – 050 setirlerde tebigaty goraýyş işiniň ugurlary boýunça "Tebigaty goraýyş maksatlarynyň gaznasynyň sanawyna" (Goşundy 1) we "Tebigaty goraýyş işiniň görnüşlerine" (Goşundy 2) laýyklykda bölünýän bütinleý ähli çäreler üçin bir ýyl boýunça gündelik (ekspluatasion) çykdajylar görkezilýär.

010-njy setirde daşky gurşawy goramak boýunça edaranyň hususy serişdeleriniň hasabyna, edaranyň karz serişdeleriniň, ýa-da döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrýan ähli gündelik harajatlarynyň jemi görkezilýär.

010-njy setire aşakdaky gündelik harajatlar goşulýar:

- tebigaty goraýşa niýetlenen esasy gaznalary saklamak we ulanmak üçin harajatlar: esasy tebigaty goraýyş gaznalary üçin amortizasiýa tutumlary; bu gaznalaryň abatlaýyş işleri üçin harajatlar; bu gaznalara hyzmat edýän işgärleri saklamak üçin (zähmet hakyny tölemek üçin, durmuş zerurlyklaryna tutumlar we ş.m.), tebigaty goramak üçin gaznalar ulanylanda peýdalanylýan çig mal, materiallar, ýangyç we elektrik energiýasy üçin harajatlar. (Tebigaty goraýyş maksatly esasy gaznalaryň sanawy goşundy 1-de getirilen);

Tebigaty goraýşa niýetlenen esasy gaznalaryň umumy sanawy Goşundyda berilýär:

- daşky gurşawy goramaga niýetlenen daşarky hyzmatlara tölemek üçin (mysal üçin, kabul etmek, ugratmak we hapa suwlary arassalamak, önümçiligiň we sarp edişiň galyndylaryny äkitmek we ammarlara tabşyrmak, ýerleşdirmek we ş.m.);

- önümçiligiň we sarp edişiň galyndylaryny öz güýçleri bilen äkitmek, gaýtadan işlemek, ýok etmek boýunça işlere tölemek üçin;

- daşky gurşawa ýaramaz täsirlere özbaşdak gözegçiligi guramak, ylmy-tehniki barlaglar, hasabat berýän edarada tebigaty goramak işlerini dolandyrmak üçin (şol sanda ekologiki gulluklarynyň saklamaklygyna);

- bozulan ýerleri öz güýçleri bilen gaýtadan dolanyşyga girizmek boýunça we daşarky edaralaryň hyzmatlaryna tölemek boýunça çäreler üçin harajatlar. Maýa goýumlaryň (esasy serişdelere goýlan maýa goýumlar) hasabyna amala aşyrylýan, gaýtadan dolanyşyga girizmek işlerini goşmazdan);

- geçirilýän hojalyk işleriniň netijesinde bozulan daşky gurşawyň hilini aýawly saklamak we gaýtadan dikeltmek boýunça gündelik çäreler üçin harajatlar;

- daşky gurşawa zyýanly täsirleri peseltmek boýunça beýleki gündelik çäreler, olaryň düzümi ýerli tebigaty goraýyş edaralary bilen ylalaşylýar.

020-nji setirde edaranyň suw baýlyklaryny goramak we ondan ýerlikli peýdalanmak boýunça gündelik harajatlary görkezilýär, olar umumy tebigaty goraýşyň gündelik harajatlarynyň düzümine girýär. Olar aşakdaky harajatlary öz içine alýar:

- suwy goramaga niýetlenen esasy gaznalary saklamak we peýdalanmak üçin harajatlar, oňa bu esasy gaznalary üçin amortizasiýa tutumlary hem goşulýar;

- suw baýlyklarynyň hilini saklamak we gaýtadan dikeltmek boýunça, hususanda, suwuň goralýan zolaklaryny bellenen tertipde saklamak, akymy sazlaşdyrmak boýunça, kiçi derýalaryň akymyny sazlaşdyrmak we arassaçylyk ýagdaýyny, amatly gidrologiýa düzümini saklamak boýunça gündelik çäreler üçin harajatlar;

- suwdan peýdalanylyşynyň ýerlikli bolmagy üçin, hususanda, sowulan we drenaž suwlarynyň gaýtadan peýdalanylmagyny üpjün etmek boýunça, suw äkidilende we hojalyk işlerinde peýdalanylanda arassa suwuň ýitgisini azaltmak boýunça çäreler üçin harajatlar;

- sowulan hapa suwlaryň hiline gözegçiligi amala aşyrmak üçin harajatlar;

- tebigy suwlaryň hiline gözegçiligi amala aşyrmak üçin (deňiz we ýerasty suwlary hem goşmak bilen) harajatlar;

- edaranyň suw goraýyş toplumlaryny dolandyrmagy amala aşyrmak üçin harajatlar, bu gulluklaryň işgärlerini saklamak üçin harajatlary goşmak bilen;

- suw baýlyklaryny goramak we ýerlikli peýdalanmak boýunça hapa suwlardan ugurdaş alynýan we gaýtadan peýdalanylýan gymmatly maddalary goşmak bilen, beýleki gündelik çäreler üçin harajatlar.

Hapa ýygnamak we arassalamak boýunça edilýän gündelik çykdajylara goşulmaýarlar: senagat we jemagat suw geçirijilerini saklamak we ulanmak üçin çykdajylar, alynýan suwuň (suw taýýarlygynyň) öňünden arassalanmagy we onuň peýdalanyja äkidilmegi üçin desgalary goşmak bilen, arassalaýjy desgalara çekilmedik we hapa akar suwlaryň gös-göni tebigy suw desgalaryna zyňylmagyny amala aşyrýan şäher, senagat we beýleki lagym ulgamlaryny saklamak we ulanmak üçin çykdajylar. Mundan başga-da şu setirde senagat kärhanalarynyň suw hojalyk ulgamlaryndan alýan suw üçin jemlenen tölegi, şeýle hem suw kanunlarynyň bozulyşy üçin jerimeler görkezilmeýär,

021-nji setirde beýleki edaralara hapa suwlary kabul etmek we arassalamak boýunça hyzmatlar üçin umumy tölegler görkezilýär, olar gündelik suwy goraýyş harajatlarynyň düzümine goşulýar.

030-njy setirde howa giňişligini goramak boýunça gündelik harajatlar görkezilýär, olar umumy tebigaty goraýyş harajatlarynyň düzümine goşulýar. Olar aşakdaky harajatlary öz içine alýar:

- howa giňişligini goramaga niýetlenen esasy gaznalary saklamak we peýdalanmak üçin, bu esasy gaznalara amortizasiýa tutumlaryny goşmak bilen, harajatlar;

- taşlandylaryň möçberine we çykýan gazlarda zyýanly maddalaryň saklanyşyna gözegçiligi amala aşyrmak üçin (ulag serişdeleriniň taşlandylarynyň möçberiniň we zäherliliginiň barlagyny goşmak bilen) harajatlar;

- howa giňişliginiň hiline gözegçiligi goramak üçin harajatlar;

- howa giňişligini goramak boýunça hasabat berýän edaranyň ekologiýa gullugynyň işgärlerini saklamak üçin;

- çykýan gazlardan gymmatly maddalary ugurdaş almak we gaýtadan peýdalanmak boýunça çäreler üçin harajatlar;

- howa giňişligini hapalanmakdan goraýan beýleki gündelik çäreler üçin harajatlar.

040-njy setirde önümçiligiň we sarp edişiň galyndylaryndan daşky gurşawy (ýer baýlyklaryny) goramak boýunça gündelik harajatlar görkezilýär, olar umumy tebigaty goraýyş harajatlaryň düzümine girýär. Olar öz içine aşakdaky harajatlary alýar:

- önümçiligiň we sarp edişiň galyndylarynyň zyýanly täsirinden daşky gurşawy goramak boýunça esasy gaznalary saklamak we peýdalanmak üçin harajatlar, bu esasy gaznalary amortizasiýa tutumlary hem girýär;

- gaty galyndylary ýygnamak hem-de saklamak boýunça çäreleri, şeýle hem hasabat berýän edaranyň ýa-da beýleki edaralaryň olary guramaçylykly ýörite saklanýan, zyýansyzlandyrylýan ýa-da peýdalanylýan ýerine, şeýle hem olaryň ygtyýar berlen guramaçylyksyz saklanýan ýerine ugratmak;

- önümçilik we sarp ediş galyndylarynyň emele gelişiniň we ýerleşişiniň möçberine we düzümine gözegçiligi amala aşyrmak üçin harajatlar;

- daşky gurşawy önümçiligiň we sarp edişiň galyndylary bilen hapalanmakdan goramak boýunça beýleki gündelik çäreler üçin harajatlar.

041-nji setirde beýleki edaralara galyndylary äkitmek, kabul etmek, saklamak we ýok etmek üçin umumy tölegler görkezilýär, olar ýer baýlyklaryny goramak boýunça gündelik harajatlaryň düzümine goşulýar.

050-nji setirde ýerleri gaýtadan dolanyşyga girizmek, topragyň hasyl berýän gatlagyny aýyrmak we peýdalanmak boýunça gündelik harajatlar berilýär, oňa umumy tebigaty goramak boýunça gündelik harajatlaryň düzümine girýän önümiň özüne düşýän gymmatyna degişli umumy gurluşyk we ýörite tehnikany peýdalanmak boýunça (bu tehnika üçin amortizasiýa tutumlaryny goşmak bilen) harajatlar hem goşulýar. Bu ýerde zir-zibil dökülýän ýerler, gum üýşmeklerini, durlaýjy howuzlary ýok etmek bilen baglanyşykly, bozulan ýerleri gaýtadan dikeltmek bilen baglanyşykly harajatlar görkezilýär.

060-njy setirde tebigaty goraýşa niýetlenen esasy gaznalaryň düýpli abatlaýyş işlerine harajatlar görkezilýär, hapa suwlary arassalamak we suw baýlyklaryndan ýerlikli peýdalanmak üçin desgalaryň we enjamlaryň (061 setir), howa giňişligini hapalaýan zyýanly maddalary tutmak we zyýansyzlandyrmak üçin desgalaryň enjamlaryň (062 setir), galyndylary ýerleşdirmek we zyýansyzlandyrmak üçin desgalaryň we enjamlaryň (063 setir), abatlaýyş işleri üçin harajatlar hem görkezilýär. Düýpli abatlaýyş işleri üçin harajatlar daşky gurşawy goramak boýunça gündelik harajatlaryň düzümine goşulmaýar.

Maşynlaryň, enjamlaryň we ulag serişdeleriniň düýpli abatlaýyş işleri diýip, bir ýyldan ýokary döwürde, düzgün bolşy ýaly agregat doly sökülip, ähli köne şaýlary çalşyrmak ýa-da gaýtadan dikeltmek, esasy we korpusdaky şaýlary bejermek, ähli könelen şaýlary täze, has döwrebap şaýlara çalşyrmak ýa-da gaýtadan dikeltmek, agregaty ýygnamak, sazlaşdyrmak we synag geçirmek işleri hasaplanylýar. Jaýlar we desgalar düýpli abatlananda köne gurnamalar we bölekler täzelenýär ýa-da abatlaýyş işleri geçirilýän desgalaryň peýdalanylyş mümkinçiliklerini gowulandyrýan has berk we tygşytlylary bilen çalşyrylýar, ulanylyş möhleti has köp bolan esasy gurnamalar doly çalşyrylmaýar (jaýlaryň daşdan we betondan esaslary, ýerasty ulgamlaryň turbalary, köprüleriň söýgetleri we ş.m.).

070-nji setirde daşky gurşawy goramak boýunça esasy gaznalaryň ortaça ýyllyk gymmaty görkezilýär.

Soňky setirlerde, degişlilikde, suw baýlyklaryny goramak we ýerlikli peýdalanmak (071-nji setir), howa giňişligini goramak (072-nji setir) we daşky gurşawy önümçiligiň we sarp edişiň galyndylaryndan goramak boýunça esasy gaznalaryň gymmaty görkezilýär.

## 2 BÖLÜM.
## DAŞKY GURŞAWA ÝARAMAZ TÄSIR ÝETIRENLIGI ÜÇIN TÖLEG (EKOLOGIÝA TÖLEGLERI)

Bu bölümde hereket edýän kanunçylyga laýyklykda gurama tarapyndan hapalaýjy maddalaryň guýlandygy, taşlanandygy, galyndylaryň ýerleşdirilendigi, tölenen pul serişdeleri, tebigaty goraýyş kanunçylygyny bozanlygy üçin jerimeler görkezilýär.

080, 090, 100-nji setirlerde daşky gurşawy hapalandygy üçin (zyýanly maddalaryň taşlanmagy we guýulmagy, galyndylaryň ýerleşdirilmegi) töleýji gurama tarapyndan amala aşyrylan tölegler görkezilýär. Bu görkezijiler hasabat ýylynyň dowamynda bellenen möhletde gurama tarapyndan hakyky tölegleriň jeminden goşulýar.

Seredilýän görkezijiler boýunça ekologiýa gaznalarynyň hasaplaryna geçirilýän serişdeler hem daşky gurşawy goramak ulgamynda ýerli döwlet dolandyryş edaralarynyň işlerini maliýeleşdirmek üçin býujetiň girdejisine gönükdirilýän serişdeler hem görkezilmeli.

080, 090, 100-nji setirlerde gurama dürli tebigaty goraýyş çärelerini geçiren ýagdaýynda ekologiýa taýdan hapalandygy üçin tölegleri üzmegiň hasabyna guramalara geçirilen serişdeleriň jemi, şeýle hem tebigaty goraýyş kanunlarynyň talaplary bozulan ýagdaýynda talap arzalary we jerimeler boýunça gurama töledilen serişdeler görkezilmeýär.

Haryt bilen üpjün etmegiň, hyzmatlary ýerine ýetirmegiň, gymmatly kagyzlary we beýleki aktiwleri geçirmegiň esasynda hasaplamalar amala aşyrylanda hasabatlarda degişli setirlerde daşky

gurşawy hapalandygy üçin tölegler hökmünde hasaplanan we haryt görnüşinde, hyzmatlar, gymmatly kagyzlar we ş.m. görnüşinde geçirilen pul serişdeleri görkezilmeli.

080-nji setirde hapalaýjy maddalaryň guýlandygy we taşlanandygy üçin mümkin bolan kadalaryň çäklerinde we bellenen limitleriň (wagtlaýyn ylalaşylan kadalaryň) çäklerinde galyndylaryň ýerleşdirilenligi üçin gurama tarapyndan tölenen serişdeler görkezilýär.

081-084-nji setirlerde suw desgalaryna (081-nji setir) we ýerasty gatlaklara (084-nji setir) hapalaýjy maddalaryň mümkin bolan guýulmagy (mümkin bolan kadalardan geçmeýän we bellenen limitler (wagtlaýyn ylalaşylan kadalar)) üçin, howa giňişligine hapalaýjy maddalaryň taşlanandygy (082-nji setir), galyndylaryň ýerleşdirilenligi üçin (083-nji setir) tölegler görkezilýär. 081, 082, 083 we 084-nji setirler boýunça maglumatlaryň jemi 080-nji maglumatlara deň bolmaly.

090-njy setir boýunça suw desgalaryna (091-nji setir) we ýerasty gatlaklara (094-nji setir) hapalaýjy maddalaryň kadadan ýokary guýulmagy, howa giňişligine hapalaýjy maddalaryň taşlanandygy üçin (092-nji setir), galyndylaryň kadadan ýokary ýerleşdirilendigi üçin (093-nji setir) tölegler görkezilýär. 091, 092, 093 we 094-nji setirler boýunça maglumatlaryň jemi 090-njy setiriň maglumatlaryna deň bolmaly.

100-nji setirde daşky gurşawy hapalandygy üçin (mümkin bolan we kadadan ýokary) hasabat ýylynda gurama tarapyndan geçirilen tölegleriň (jerimeleri we talap arzalaryny goşmazdan) umumy jemi görkezilýär. 100-nji setir boýunça maglumatlar 080-nji we 090-njy setirleriň maglumatlarynyň jemine deň gelýär.

110-njy setir boýunça daşky gurşawy goramak ulgamynda tebigaty goraýyş kanunçylygynyň bozulmagy bilen ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak üçin ýörite ygtyýarly edilen döwlet edaralary tarapyndan töledilen ähli serişdeler (talap arzalary) we jerimeler görkezilýär. Olary daşky gurşawy birbada köp ýa-da weýrançylykly hapalandygy üçin jerimeler degişli (ekologiýany hapalandygy üçin bellenen häzirki töleglerden başga). Guramada işleýän wezipeli adamlardan edara ediş tertipde töledilen jerimeler bu ýerde hasaba alynmaýar.

Guramalar tarapyndan meýletin ýa-da hökmany ekologiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça serişdeler tölense, degişli möçberler bu hasabata goşulmaýar.

**Durmuş statistikasy müdirligi**

**GOŞUNDY 1**

## TEBIGATY GORAÝÝŞ MAKSATLY ESASY GAZNALARYNYŇ SANAWY

1. Howa giňişligini goramak we howanyň üýtgemeginiň öňüni almak üçin esasy fondlara şu aşakdakylar degişli:

- tehnologik enjamlardan we wentilýasiýa howasyndan, gönüden-göni howa giňişligine taşlanmagyndan öň gazyň hapalaýjy maddalaryny tutup, zyýansyzlandyrýan desgalar (gaz görnüşli maddalary grawitasion we inersion usuly arkaly tutýan enjamlar, şol sanda sentrifuga, tozan arassalaýjylar, siklonlar, batareýa siklony, tüsse sorýan-tozan arassalaýjylary, süýümli süzgüçler, mata süzgüçleri, gol süzgüçleri, karkas süzgüçleri, däne süzgüçleri, keramiki süzgüçler, demirden keramiki süzgüçler, gury we çyg elektrik süzgüçleri, olaryň energiýasy üçin podstansiýasy bilen, skrubberler, absorberler, wenturi skrubberleri, damjagapyjylar, adsorberler katalitik reaktorlar hem-de göni we katalitik ýangyndaky peçler, membrana süzgüçleri, biosüzgüçler we bioarassalaýjylar, radioaktiw gazlary arassalamak (zyýansyzlandyrmak) üçin niýetlenen ýörite süzgüçler, önüm öndüriji-tehnologik gazlaryň düzümindäki kükürt birleşmelerini dikeldýän enjamlar, howa giňişliginiň hapalanmagyny azaltmak we onuň öňüni almak üçin niýetlenen desgalar we ş.m.). Sanitariýa-ekologiki taýdan kesgitlenende, ýagny howa giňişligine hapalaýjy maddalaryň taşlanmagynyň peselmegini üpjün etmek şert bilen howa giňişliginiň goraglylygyny üpjün edýänleriň toparyna degişli hasaplanar;
- çykýan gazlardan kükürdi dikeltmek üçin desgalar we enjamlar;
- tekizleýji önümçilikde gaz howasynda döreýän garyndynyň arassaçylygyny ownuk pytraň tozanlardan goragçy bolup hyzmat edýän päsgelçilikli süzgüçler;
- tozanly separatorlar üçin patronly (çykarylýan) süzgüçler;
- ölçenen bölejikleriň düzümini we bar bolan tozanlanmany hasaplaýan enjam;
- hapalaýjy maddalaryň konsentrasiýasyny barlag-ölçeg edýän enjamlar (ölçeýän sçýotçikler);
- howa giňişligindäki hapalaýjy zyňyndylardan çykýan gazlary arassalamak usulyny işläp düzmek üçin niýetlenen tejribe-senagat desgalary we sehleri;
- howa giňişliginiň hapalanmagyny barlagda saklamak üçin awtomatlaşdyrylan sistemalar;
- howa giňişliginiň hapalanmagyny barlagda saklamak üçin ýörite enjamlaşdyrylan laboratoriýalar;
- çykýan gazdaky maddany gaýtadan ulanmaklyk üçin niýetlenen desgalar (önümler)
- awtomobillerde işlenen gazlaryň zäherliligini derňeýän regulirleýji-barlag punktlary.
- howa giňişliginiň hapalanmagynyň öňüni almak üçin niýetlenen ýangyç prosseslerini sazlaşdyryjy enjamlar;
- howa giňişligine gaz görnüşli zyňyndylary sazlaşdyrmak (barlamak) we oňa päsgel bermek, hapalaýjy maddalaryň konsentrasiýasyny hem-de dezodorasiýany peseltmek maksady bilen senagat desgalarynyň we tehniki serişdeleriň daşynda ýerleşdirilen enjamlar;
- çykýan bugy ýygnamak we ony gaýtadan ulanmak üçin enjamlar;
- gerekli gaplaryň (tanklaryň) goşmaça izolýasiýasy ýa-da olaryň bugarmagyny peseltmek maksady bilen sowadylmagy (çig malyň, taýyn önümleriň we polufabrikatlaryň ýangyn, partlama we başga saklanyş howpsuzlyklaryny üpjün etmek maksady bilen geçirilýän çäreleri hasaba almazdan);
- saklanyş ýagdaýynda, ulag serişdelerine ýüklenende howada tozanyň döremegini çäklendirýän tehniki serişdeler;
- bugarýan massany ýygnamak we gaýtadan ulanmak düzgüni (ümür ýygyndylary);
- yzky gazlaryň göniden-göni howa giňişligine taşlanmagyndan öň ýakmak we beýleki usullar bilen arassalanylmagy üçin niýetlenen desgalar we gurallar, netijede onuň hapalanmagyna ýol berilmeýär (peselýär), şeýle hem tüsse turbalarynyň gurluşygyna, eger-de hemme bar bolan zyňyndylary azaldýan häzirki zaman tehniki serişdeleri ulanylandan soň çäkli goýberilýän taşlandylaryň norma görkezijileri üpjün edilmese;

- howa giňişligini goraýan beýleki desgalar;

- ozon gatlagyny (refrijeratorlary we holodilnikleri freondan ammiagyň sowadylan maddalaryna geçirilmegi) bozýan parnik gazlary ($CO_2$, $CH_4$, $N_2O$, $SF_6$, HFCs, PFCs) we maddalary tutmak hem-de zyýansyzlandyrmak üçin niýetlenen desgalar;

- alternatiw çeşmeleriň bazasynda elektroenergiýa öndürýän desgalar (şemally energiýany, bio-gazy, günenergiýasyny, termal suwlary).

Howa giňişligini goramagyň esasy gaznalaryna tehnologik shemanyň elementi bolup durýan we tertip boýunça birinji nobatda önüm we degişli girdejini alýan, gaz tozan sorujy desgalary we enjamlary (uglerodyň tehniki zawodlarynda gurum öndürilende reaktorlardan çykýan gazlary arassalamak; fosfor zawodlarynda sary fosfor öndürilende rudno-termik peçlerinden çykýan gazlary arasalamak; himiki zawodlarda kükürt kislotasy öndürilende pejiň “gaýnan gatlagyndan” çykýan gazy arassalamak we ş.m.); reňkli hem-de gara demirönüm zawodlaryndan, himiýa we nebit himiýa, energetiki we beýleki pudaklardan çykýan gazdan planlaşdyrlan önümi almak üçin hyzmat edýän serno-kislotaly we beýleki sehler (tehnologiki gaz tozan sorujy desgalar we iki gat siňdiriji hem-de iki gat kontaktda bolýan sistemalar), gury kül ýygnamak üçin enjamlar we ş.m.

Şonuň ýaly-da, gaz ýöredijiler (howa ýöredijiler), tüsse sorujylar (ýelpewaçlar), tüsse turbalary, iş ýerlerinde kadaly sanitaria-gigiýena şertlerini döretmek üçin hyzmat edýän wentilýasiýa we kondisionirleme düzgünleri, sanitariýa-gorama zolagy we şoňa meňzeşler, senagat sanitariýasynyň, abadanlaşdyrmanyň, tehnologik shemasynyň düzüm bölegini döredýänligi sebäpli howa giňişligini goramagyň gaznalarynyň esasy düzümine goşulmaly däl.

Howa giňişligini goramak üçin gaznalaryň esasy bahasy dartyjy körükleýji maşynlaryň bahasyny aýratyn ýagdaýda, ýagny haçanda onuň saýlan ugry gaz tozan sorujy enjamyň döredýän garşylygyna bagly ýerleşende öz içine alyp biler.

Eger-de sorujy wentilýasiýanyň sistemasynda gaz tozan sorujy enjamlar oturdylan bolsa, onda, ähli (howa ýöredijiler) sistemasy we wentilýator däl-de, diňe onuň ulanylşynyň kadaly bolmagyny üpjün edýän enjam bölekleri (ony suwarmak üçin suw geçirmek, tozan ýygnaýjy sistema we beýlekiler), howa giňişliginiň goragyna degişli bolup biler.

2. Akdyrylan hapa suwlaryň aýlawy we durlanmagy üçin esasy gaznalara:

- suwy durlamak, şol sanda ekerançylyk ýerlerini suwarmak üçin desgalar we enjamlar;

- Akdyrylan hapa suwlaryň mehaniki taýdan durlanmagy üçin enjamlar (durlanýan howuzlar, nebit saklagyçlar, ýag tutguçlar, çägeli we beýleki süzgüçler, sentrifugalar);

- suwlaryň fizika-himiki taýdan flokulýasiýa, flotasiýa ion çalşygy, absorbsiýa usullary bilen durlanylmagy üçin enjamlar;

- Akdyrylan hapa suwlary akymy gowşatma, turşatma, dikeltme usullary bilen himiki taýdan durlamak üçin enjamlar;

- Akdyrylan hapa suwlary biologik taýdan durlamak üçin enjamlar (biologik süzgüçler, aerotenoklar, metantenoklar);

- hapalaýjy maddalaryň taşlandysynyň we konsentrasiýasynyň göwrümini anyklaýan barlag-ölçeg enjamlary;

- suw durlananda ulanylýan bug ölçeýji;

- syzmalaryň öňüni alýan, drenaž akymlaryň jebis düzgünleri;

- akar suwlary durlamak usullaryny işläp düzmek bilen bagly, kärhanadaky sehleriniň tejribeli desgalary;

- akar suwlary durlamagyň ilkinji döwri üçin aýratyn desgalar (nebit tutguçlar, ýag tutguçlar, flotasion desgalary gowşadýan menziller we şlamlary zyýansyzlandyrýan desgalar we ş.m.);

- akar suwlary durlaýan desgalara eltilen (çabgalary goşmak bilen), şäherlerde we beýleki ilatly punktlarda lagym ulgamlary;

- filtrleme ýerlere, suwarylýan ýerlere akar suwlary äkitmek üçin ýörite ýygnaýjylara, bugar-dyjylara gurlan lagym ulgamlary;

- senagatyň akar suwlaryny meýdançadan daşary sowýan lagym ulgamlary (çabgalary goşmak bilen), we olara desgalary – nasos bilen çekip guýma menzilleri, barlag, taýýarlyk menzilleri, we şol suwlaryň wagtlaýyn akkumulýasiýasy üçin gaplar zir-zibilleriň awariýa ýagdaýyndaky taşlaýşy we soňky durlaýjy menzillere berilmegi bilen konsentrasiýanyň kada laýyklykda goýberilýän çäginden ýokarlanmagy. Şunlukda, meýdançanyň içindäki senagat guramalarynyň ulgamlary esasy kommunikasiýalara girmeýärler.

Ýapyk döwürleýin suw üpjünçilik ulgamlary (akar suwlary laýyk durlanandan we işläp bejerilenden soň tehnologik suw üpjünçilik zerurlygy üçin gaýtarylmagy), dürli şlamlary dolanyşda bolan gidrozolo aýyrmak we gidro aýyrmak düzgünleri, dolanyşda bolan önümçiligiň suw üpjünçilik düzgünlerini, şeýle hem yzygiderli we gaýtalanyp ulanylýan suwuň düzgünlerini, şol sanda beýleki guramalardan düşýänleri goşmak bilen:

- aerasion akym menzilleri;
- dagynyk goýberiliş;
- süzgüç meýdanlary, akar suwlary bilen meýdanlaryň suwarylmagy, ýörite gurlan toplaýjy apparatlar, bugardyjylar we durlanýan howuzlar;
- akdyrylýan we zeýkeş suwlary gaýtadan ulanmak hem-de olaryň hilini gowulandyrmak üçin enjamlar (ýygnama gaplar, durlaýjy howuzlar, suwlary howalandyrma üçin desgalar we enjamlar, biologik ýollar, perdeler, pestisidleri tutujy pestisidler we beýlekiler);
- akar (işlenen) suwlardan gymmat baha maddalary çykaryp almak üçin desgalar we sehler. Şol hili kysymly desgalara işlemeginiň esasy maksady daşky gurşawyň goragy bilen bagly bolan enjamlar we desgalar degişli. Şu ýere ilki bilen önüm, girdeji we ş.m almak meseleli desgalar goşulmaýar.

Tebigaty goraýşyň etmeli işiniň esasy gaznasyna, arassalaýjy desgalara çekilmedik jemagat, senagat we öňünden arassalanmaýan tebigy suwlaryň desgalaryna hapa akar suwlary sowýan beýleki lagym ulgamlary degişli däl.

3. Öndürilen we peýdalanylan galyndylara seretmek boýunça goragyň esasy gaznasyna degişliler:

Galyndylary ýerleşdirmek üçin ýörite bellenen ýerlerdäki desgalar (ammarlar, öwrenilýän ýerler, ýerdemir, şlam we guýruk saklanýan jaý, toplaýjy apparatlar we beýlekiler), hemme enjamlary, tehnologik serişdeleri, mashynlary, gös-göni görkezilen desgalaryň içine girýän (iş üpjün edýän) desgalar:

- öndürilen we peýdalanylan galyndylary zyýansyzlandyrmak, gaýtadan işlemek we ulanmak üçin desgalar;
- galyndylary gaýtadan işlemek üçin önümler (metallurgiýa şlaklary, küller, ýylylyk elektrostansiýalaryň şlaklary, fosfogips, kükürdiň ýanan şem galyndysy, lak we boýag öndürýän galyndylar, nebitşlamlar, gurluşyk galyndylary), gury kül ýygnaýan desgalar we beýlekiler;
- durmuş we başga galyndylary senagatyň gaty we suwuk maddalaryny zyýansyzlandyryjy, toplaýjy, sortlaýjy, gaýtadan ulanyjy kärhanalar (orta we ýokary radioaktiwlilerden bashga);
- şäher ýerlerinden we ilatly punktlaryň ýerleşýän ýerinden senagat we durmuş galyndylaryny ýygnamak we daşamak üçin enjamlar hem-de ýörite maşynlar;
- galyndylary diňe toplamak, saklamak we daşamak (göçürmek) üçin ulanylýan konteýnerler we beýleki gaplar;
- galyndylary aýry-başga ýygnamak üçin konteýnerler;
- galyndylary sortlamak we gaýtadan işlemek punktlary;
- ýükleýiş menzilleri;
- galyndylary sortlamak we bölmek üçin enjamlar;
- galyndylary fiziki, himiki, biologik we termiki taýdan gaýtadan işlenilmegi/zyýansyzlandyrylmagy üçin desgalar we enjamlar;
- galyndylary durulandyrmak we dykyzlandyrmak üçin desgalar we enjamlar;

- galyndylaryň detoksikasiýasy, gowşadylmagy we guradylmagy (zyýansyzlandyrylmagy) boýunça desgalar we enjamlar;

- galyndylardan agyr metaly bölüp aýyrmak (separirlemek) boýunça enjamlar;

- galyndylary ýakmak üçin enjamlar;

- galyndylaryň ýerleşdirilen ýerlerinde düýbüniň syzdyrylmagyny daşky täsirlerden goragyny) üpjün edýän enjamlar we/ýa-da ýörite çig mallar, drenaž suwlary sordurmak üçin bentleriň gurluşygyny we gorag diwarlary, kaklamaň amala aşyrylmagyny, turbalaryň we nasoslaryň geçirilmegini hasaba almazdan;

- işlenen ýaglary ýygnamak boýunça gämiler (ulag serişdeleri);

- himiki galyndylar üçin beton we beýleki ýörite gaby bolan gämiler (ulag serişdeleri);

- galyndylaryň resiklingi (gaýtadan işlenilmegi) boýunça enjamlar;

- galyndylary ownadyjylar, önümlerini owrutmak üçin degirmenler-owradyjy maşynlar;

- galyndylary amatly ýerleşdirmek maksady bilen olary basmak üçin enjamlar;

- minerally çig mallar gazylyp alnanda öndürilen boşluklary basmak üçin toplumlar;

- ýerdäki howdanlary ýa-da ýerasty suwlary hapalaýan suwuk önümçilik galyndylaryny ýygnamak, daşamak, gaýtadan işlemek, we ýok etmek üçin desgalar we enjamlar;

- öndürilen we peýdalanylan galyndylary ýygnamak, zyýansyzlandyrmak, ulanmak, ýerleşdirmek we daşamak üçin beýleki enjam;

4. Ýerleriň, ýeriň üstki we ýerasty suwlarynyň goragy we dikeldilmegi boýunça esasy gaznalara degişliler:

- halkara konwensiýanyň deňizi gämilerden hapalanmagynyň öňüni almak talaplaryna laýyklykda, hereket edýän gämileriň enjamlar bilen üstüni ýetirmek düzgünleri şeýle hem, ýygnaýjy-gämileri we nebit goraýjy menzilleri goşmak bilen derýalardan, howdanlardan, portlardan we içerki deňizlerden nebiti, zir-zibilleri we beýleki suwuk, gaty galyndylary ýygnaýan desgalar, enjamlar we flotyň tehniki serişdeleri;

- esasy derýalaryň howuzlaryndaky suw hojalyk toplumlaryny dolandyryjy awtomatlaşdyrylan düzgünler: suw goraýjy toplumlaryny dolandyryjy awtomatlaşdyrylan düzgünler, deňiz, tebigy we akym suwlarynyň hilini barlaýan düzgünler (ýörite gämileri we laboratoriýalary edinmekligi goşmak bilen); suw paýlanyş düzgünleri (suwarymly ekerançylygy goşmak bilen); döwlet suw ýazgysynyň düzgünleri, ilkinji suw hasabynyň üpjünçiligi we işlenip taýýarlanan jemleýji maglumatlaryň suwdan peýdalanmagyň döwlet hasabyna girizilmegi (awtomatlaşdyrylan gurluşyk menzilleri, alynýan we zyňylýan suwuň göwrümini hasaba almak boýunça ölçeg desgalary, hasabatyň maglumatlaryny gaýtadan işlemek üçin hasaplaýyş merkezleri we beýlekiler);

- çarhlaryň, bentleriň, limanlaryň, suw gönükdiriji, suw akdyrylýan, düýp desgalaryň, raýyş birikdirýän baglaryň gurluşygy;

- goralýan tokaý zonasy, meýdan-gorag tokaý zolaklary goşmak bilen;

- eroziýa garşy, gidrotehniki, sile garşy, süýşgüne garşy, harsaňa garşy, opurylma garşy, kenar-daky suw desgalaryny goşmak bilen;

- ýeriň durkuny täzelemek üçin desgalar, torf alynmagy bilen zaýalalan ýerleri öz geregi üçin peýdalanmak ýagdaýyna getirlen ýerleri goşmak bilen;

- öwrenilýän ýerleriň we öň galyndylary saklamak üçin ulanylan ýerleriň durkuny täzelemäge niýetlenen desgalar;

- ýerleriň durkuny täzelemek üçin ýörite enjamlar (almak, saklamak, düşelýän ýere daşamak ýa-da topragyň mes gatlagyny indiki ýyllarda ýerleriň durkuny täzelemek we az hasylly ýerlere geçirmek üçin wagtlaýyn saklanylmagy);

- jarlaryň we källeriň, derýalaryň we howdanlaryň kenarynda, çägelerde, ýapgytlarda we eroziýa emele getirýän dagyň eňňidinde eroziýa garşy tokaý ösümlikleri;

- öndürilen we peýdalanylan galyndylary gömülende, ýeriň üstki we ýerasty suwlaryň hapalanmagynyň öňüni alýan desgalar (senagatyň radioaktiw galyndylaryny hasaba almazdan);

- suw goraýyş zolagy;

- özi akýan artezian skwažynasynyň iş tertibini kranda sazlamak düzgünine geçirmek ýa-da ýapyp ýok etmek (tamponaž) boýunça desgalar.

- ýerasty suwlary goramak we hapalanmagynyň ojagyny yok etmek boýunça desgalar;

- howuzlaryň we tebigy howdanlaryň tehniki ýagdaýyny hem-de abadanlaşdyrylyşyny gowulandyrmak boýunça desgalar;

- ownuk derýalaryň akymyny sazlaýan, olaryň ugruny arassalaýan we ownuk derýalary dikeltmek we oňaýly gidrologik düzgünlerini we sanitariýa ýagdaýyny gorap saklamak we beýleki işleri boýunça enjamlar;

- topragyň syzdyrmazlygyny üpjün edýän enjam (desga, ulgam);

- ýerasty suwlaryň peýdalanylşynyň çäklendirilmegini (azaldylmagyny) üpjün edýän enjam;

- topragyň biologik taýdan arassalanmagy (dikelmegi) boýunça enjamlar;

- toprak gatlagynda we ýerasty suwlarda hapalaýjy maddalaryň düzümini seljermek, ölçemek we monitoring üçin gerek bolan desgalar we enjamlar;

- suw desgalaryna akymdan hapalaýjy maddalaryň düşmegini goraýan bentler;

- toprak gatlagynyň we ýerasty suwlaryň hapalygyny barlag edýän enjamlar;

- ballast we slanyň aşagyndaky suwlaryny, şonuň ýaly-da hojalyk-durmuş akymlaryny we zir-zibilleri kabul edýän we arassalaýan kenar ýakasyndaky we ýüzýän menziller.

- ýerleri, ýerasty we ýeriň üstki suwlaryny goraýan we dikeldýän beýleki enjamlar.

5. Daşky gurşawy goramak sferasynda beýleki ugurlarynyň işiniň esasy gaznasyna ýokarda sanalmadyk desgalar, enjamlar, abzallar degişli.

Esasy gaznanyň işiniň ileri (ýa-da ýeketäk) tutulýan meseleleriniň biri daşky gurşawyň maksatlary bolmaly. Eger-de degişli desgalaryň we enjamlaryň işi (ulanylmagy) esasan gabat gelýän, önümçiligi peýdaly bolan, bellenilen girdejini getirýän we satuw bazarlary bar bolan önümi almaklyga gönükdirilen bolsa, onda degişli esasy gaznalar tebigaty goraýjylara degişli däl.

**GOŞUNDY 2**

## TEBIGATY GORAÝŞYŇ IŞINIŇ GÖRNÜŞLERI (HALKARA KÜKÜRT 2000 KLASSIFIKATORYNA LAÝYKLYKDA)

1. Howa giňişligini goramak we howanyň üýtgemeginiň öňüni almak:

1.1 howa giňişligini goramak, howany gorap saklamak we ozon gatlagynyň goragyny üpjün etmek maksady bilen, önümçilik prosesini üýtgetmek arkaly hapanyň emele gelmeginiň öňüni almak;

1.2 Howa giňişligini goramak, howany gorap saklamak we ozon gatlagynyň goragyny üpjün etmek maksady bilen tüsse gazlarynyň we wentilýasion zyňyndylarynyň arassalanmagy;

1.3 analitik ölçegler, barlaglar, laboratoriýanyň ylmy işleri we şoňa meňzeşler;

1.4 beýleki

2. akar suwlary ýygnamak we arassalamak:

2.1 önümçilik prosesine üýtgeşmeleri girizmek arkaly hapanyň emele gelmeginiň öňüni almak;

2.2. lagym ulgamlary;

2.3. akar suwlaryň arassalanmagy;

2.4. sowatýan suwlaryň arassalanmagy;

2.5. analitik ölçegler, barlaglar, laboratoriýanyň ylmy işleri we şoňa meňzeşler;

2.6. beýlekiler.

3. Galyndylaryň ulanylmagy (az radioaktiw galyndylaryň gaýtadan işlenmegini, kompostirlenilmegini, ýollaryň arassaçylyk işleri geçirilende süpürilmegini, gaýtadan ulanylmaklygyny goşmak bilen):

3.1. önümçilik prosesine üýtgeşmeleri girizmek arkaly hapanyň emele gelmeginiň öňüni almak;

3.2. galyndylary ýygnamak we daşamak;

3.3. howply galyndylary gaýtadan işlemek we ýerlemek: termik taýdan gaýtadan işlenilmegi, poligonda ýerleşdirilmegi, beýleki usullar;

3.4. howply däl galyndylary gaýtadan işlemek we ýerleşmek: ýakmak, poligonda ýerleşdirmek, beýleki usullar;

3.5. analitik ölçegler, barlaglar, laboratoriýanyň ylmy işleri we şoňa meňzeşler;

3.6. beýlekiler.

4. Topragyň üstki we ýerasty suwly ýerleriniň goragy we dikeldilmegi (hapany ýok etmegiň hemme görnüşlerini goşmak bilen):

4.1. hapalaýjylaryň syzylyp geçmeginiň öňüni almak;

4.2. topragyň we suw desgalarynyň arassalanmagy;

4.3. topragyň eroziýasynyň we fiziki taýdan ýaramazlaşmagynyň beýleki görnüşleriniň öňüni almak;

4.4. topragyň şorlanmagynyň, şerebeleliginiň öňüni almak;

4.5. analitik ölçegler, barlaglar, laboratoriýanyň ylmy işleri we şoňa meňzeşler;

4.6. beýlekiler.

5. Daşky gurşawyň goragy sferasynyň işiniň beýleki ugurlary;

5.1. tebigaty goraýyş işleri geçirilende, administratiw çykdaýjylary, müdirlik döretmegi we beýlekileri goşmak bilen umumy dolanşygyň çykdaýjylary; tebigaty goraýyş menedjmenti;

5.2. bilim, okuw, informasion üpjünçilik;

5.3. ýokarda görkezilen ugurlara laýyklykda çykdaýjyny bölüp bolmaýan işiň görnüşleri;

5.4. atlandyrylmadyk ugurlar.

**Durmuş statistikasy müdirligi**